# Sibir hammamy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sibir hammamy Sibir hammamy

Çykar köýnegiñi, çykar tammanyñ,
Gir, göreli sibirlileñ hammamyn!
Dubuñ çybygyndan bogup sübsäni,
Awuşadyp,
ýenjişeli kebzäni,
Bir buga bogulyp,
bir buza çykyp,
Kelläni gar bilen gaýnaga sokup,
Saplanaly,
Taplanaly,
Bekäli, –
Ötsün süññümizden Sibir hammamy,
Possuny, penjegi, köýnek-tammany,
Sypyr bakaly!

Sibir «hammamyny», Sibir şatysyn, –
Synaglaryñ gatysyndan gatysyn
Süññünden ötürip,
Ötürip serden,
Atalar bizden hem juwan halynda
Dönmän özleriniñ tutan ýolundan,
Är çykdy birden
Dünýäñ iñ ak garynda!

…Berkakitmi, Tynda, Ust-Kutmy, Ulkan,
Bu günem Sibirds synagly ýol kän,
Ýowuz menzilleri ol polat BAM-yñ
Sallarlap, aýdyp dur gaýratyñ-tabyñ…

Çykar köýnegiñi, çykar tammanyñ,
Gir, göreli bizem Sibir hammamyn!

Irkutsk, 1976

ANNABERDI AGABAÝEW Goşgular